# Kinniwanja kyssalar

Category: Edebi tankyt,Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Kinniwanja kyssalar KINNIWANJA KYSSALAR



Göz ýüzüňe düşýän ýygyrtlary görmezlik üçin çöňňelýän bolaýmasa?!
***
Ahmet Gurbannepes sag eli işlemeden galandan soň:”Siziň

ýazýanja zatlaryňyz meniň çep elimden gelýär” diýmäni çykardy.
***
Zehini kütekleriň köplenç jepakeş bolýandyklary gynandyrýar.
***
Adamyň kämillige ýetip bilmeýändiginiň sebäbini ýaşlykda aňynyň, biliminiň, tejribesiniň ýeterlik däldiginde, aňy goýalyp bilim, tejribe toplansoň bolsa,Allanyň onuň huşuny küteldýänliginde görýän.
***
Ýaşmakly gelin edep babatda gaýynlarynam tijendirýär.
***
Älhepus, dünýäniň pany bolaýşyny! Hany onda muňa “pany” diýen gerçekler?! Pany diýilýän dünýe dur, biz geçip gidýäs.
***
“Miniatýura” ýazmag-a tüýs meniň pişäm ekeni (pikir çuňlugymy däl-de, ýaltalygymy göz öňümde tutýan). Günde-günaşa birlän-ikilän “Kindiwanja kyssa “ ýazylsa, uzagyndan romanyňam, iň bolmanda , powestiň-ä önmegi mümkin.
***
Görmegeý zenanlara ýanýoldaşlaryna wepaly bolup päkize garramak, gör, nähili kyn! Başym gurban başaranlara!
***
Gulagy agyrrak (agyr kemi ýok-la, sypaýylaşdyran bolaýýan) Atajan Tagan bir meýlisde “Bular diňe maňa arak guýup özlerine suw guýýamykalar: örän ýuwaş gürleşýäler-le”- diýip geňirgendi.
***
2.
***
Huşuň kütelişse kemem däl ýaly-la : ýekeje kitap bilen oňşuk etse bolýar. Okap ahyryna çykýançaň , başy ýadyňdan çykýar. Gaýtalap oka-da ýör.
***
Oňa eseriňi öwdürjek bolsaň, ýa zenan bolmaly ýa-da, iň bolmanda, merhum.
***
Beýik alym Aşyrpur Meredow ýogalypdyr, bilmän galypdyrys. Kyrky geçipdir. Dostumyň ýene bir “gahrymany” köpeldi.
***
Hudaýa “Sen” diýip ýüzlenýäs , çünki Ol çäksiz geçirimli. Maňa “siz”diýip ýüzlenseler gowy görýän , çünki men Hudaý däl.

***
Bir gijede ýazylmadyk romanyň ýüzüne köz degsin. Ýazdyraýanok. Ýazamogam.
***
“Kindiwanja kyssalarymyň” haýsysynyň oýun , haýsysynyň çyndygyna özümem düşünip bilemok.
***
Ol şeýlebir mert öldi welin, ajalda ajar galmady.
***
Ne ajaýyp posagähim–lebleriň!
***
Adam ölensoň bu dünýäniň azabyndan dynýar. Şahyr gidensoňam öz goşgulary bilen bileje, tä zamana ahyr bolýança, panynyň derdini çeker ýörer, çeker ýörer.
***
Gazy gark etjek yagyýşda …
***
Eşret azabyň yzyndan ýöreýändir.
***
Doňuzy götergiläp syrtyndan iteklemedik bolsalar, ol depä çykyp bilmän batgada agnar ýatardy.
***
Üst-başyňy hapalatman doňuzy batgadan çykarmak başartmaz.
***
3.
***
Birewden nep gözläp oňa hyzmat görkezmek, tarypyny ýetirmek–bu ýaranjaňlykdyr ; bähbit araman şeýtmeklik bolsa ýagşy kişä wepalylykdan hem-de asyllylykdan nyşandyr.
***
Soňky döwürde welilik satýan köpeldi welin, menem şolaryň birine öwrülip ýören bolaýmaýyn? Toba!
***
Kellesine ilde-günde ýok, irde-giçde-de bolmadyk, aklyňy haýran edýän täsin pikir geldi. Kagyza geçirmek üçin: “Ind-ä sypmarsyň” diýip syçrap ýatan ýerinden turdy welin,ýene-de düýş eken.
***
Älemleriň diňe ikimiz üçin yaradylandygyna ynanyp bilemok.

Ynanmasam-da,hakykat bilen ylalaşmaly bolýaryn.
***
Eý, Hudaýym-eý, bu kagyzyň akdygyny! Yllabir adamzadyň menden öňki ähli ýazan zatlaryny ýüzünden sypyryp , meniň üçin ýer boşadyp goýan ýaly-da!
***
Ýitgiňi mundan beýläk gözleseň özüňiýitiräýjek çägiňe çenli gözlemeli.Özüňi tapmak has kyn.
***
Saňa duşmadyk dagy bolsam, näme bolardy?!Sen maňa duşardyň.
***
“Iki adam uruşsa ,öter ýaly ýol berme”-de, ikisinem huşa getirijä dyk.
***
Alysdan halyňy telefonda soraýan. “Gül ýaly”- diýýäň. Mensiz?! Gül ýaly?!
***
– Keýwany, gije genial hekaýa ýazdym!
– Näçe manatlyk?
***
Tebigaty wasp edip gowy zatlar ýazasym gelýär. Tebigatam maňa: “Azara galma, meni sensizem tanaýarlar”-diýýär.
***

4.
***
Az ýazanyma begenýän. L. Tolstoýa, O. Balzaga, Ž. Simenona we şolar ýalylara gözüm gidenok, nebsim agyrýar. Şu ýaltalygym bilen beýle köp zady ýazmak, ençeme gezek göçürmeg-ä beýlede dursun, öz ýazan zadymy ikinji gezek okabam bilmezdim.
***
Alty ýaşly agtygym Nurmuhammet jan maňa “ Ata, goşgy ýaz” diýip ruçka sowgat berdi.
Indi dat günüňe, türkmen! Dörejek şygyr silinden seresap bolaweri!
***
Aňrynyň ýagdaýyny soraýaýyn diýsem, gelýän-gidýänem ýok.

Garaşaýyn hany,belki , öten-geçen bolar.
***
Sesiňe döneýin,Alabaý,ýöne edil häzir üýrmäň bolanok-da.Bu kellä aýda-ýylda bir pikir gelýär-a,gelenjesinem jöwhüldäp dargadýaň.
***
Enşalla,hemme zat gowy bolar : oglumam bergilerinden dynar,gyzymyňam maňlaýy açylyp gider, ezizimem görgülerden dynar,menem sag-aman ýurdumy täzelärin. Hemme zat gülala-güllük bolar,enşalla!
***
Içip öleniň gowumy ýa-da içmän ? Gidenlerden sorabam bolanok.
***
Allanyň ýeketäkdigine ynanýan. Ýöne Onuň nämüçin beýle azdygyna düşünip bilemok.
***
“Pylany beýik” diýýäler. Men-ä özüme “Çuňňur!” diýselerem kem görmezdim, kemsinmezdimem.
***
Altyn bilen ynsan göwnüniň şeýle gapma – garşydygyny görseňizläň! Tyllany sozup birje gramyndan üç kilometre ýetýän sapak ýasap bolýar, adamyň göwni bolsa ýekeje söz üçin şarta döwüläýýär.
***

5.
***
Saňa jaň edip gürleşesim gelýär. Sen bolsaň işli. Duşuşyp, meniň bilen arkaýyn didarlaşmak üçin işleýäň.
***
Goşgularymy okanlar : ” Bäşim Ödek şatlanybam bilýän eken, Bäşim Ödek gussa-da batýan eken” diýseler maňa bes.
***
Täze ýazan ýekeje setirimi okabam täze ýyldyz gören ýaly begenýäň. Şeýdibem , täze ýyldyzyň dogmagyna sebäp bolýaň.
***
Seniň adyňy eneň-ataň-a dakan däldirler. Ösüp , kemala gelip,

görklenip iru-giç gujagyma doljagyňy bilip men dakandyryn.
***
Nämüçin guşlar uçýar, balyklar ýüzýär, adamlar ýöreýär? Diňe olaryň ganatlary, ýüzgüçleri ýa-da aýaklary bolany üçin-ä däldir. Bu ýerde bir hilegärlig-ä bolmaly.
***
Sen meniň goşgularyma “genial” diýýäň. Ol-a deň-duşlarymyň başdansowma, degişme bahalary. Başgaçarak , ýokarrak berjek bahaň ýokmudy?
***
Biri “Meniň pikirlerim örän çuňlukdadyr” diýdi. Men-ä gazyp-gazyp tapyp bilmedim.
***
Hiç haçanam “pylankes” bolasym gelmedi. Özüm bolasym geldi. Başartdymy ýa ýok ,bilmedim.
***
Ýaşy özümiňkiden ulularyň bu dünýäni terk edýänlerine gynansam-da,kaýyl bolýan. Binobat gidýänlere welin gaty gaharym gelýär.
***
Sen maňa “Gitme!” diýip ýalbarýaň. Meniňem gidesim gelip baranok. Sen bir perişd-ä: Özi bilen gürleşäýsene. Aňyrda menden başga-da gowy şahyrlar köp-ä.
***

6.
***
Aşa sypaýy aýalym bar : ýaňy bir ymyzganyp barýakam ölinem oýarjak sesi bilen adymy tutup gygyrýa- da : “Oýaraýan-a däldirin-dä?” diýip soraýar.
S.S. Şu ýazgymy aýalyma okap berdim. Olam : “Sen menden gowy aýala mynasybam däl-le diýdi.
***
Arak beýniňi çüýretjek-le, spirte geçiläýmese.
***
Surnugan kelläme :” Biraz dynç alaý” diýýän. Öň ýadap görmedik kelläm “dynç” sözüne düşünmän , gözüni elek-çelek edýär.

***
“Ýazmalymyş” diýseler, şol ýazyp otyryn. Ýazana bir zat berilýän bolsa, galama berlerdi ahyryn .
***
“Kindiwanja kyssalary” ýazsamam-a ýazýan welin, olar meniň wesýetlerim bolaýmasyn diýibem howatyrlanýan.
Millet- mal sürüsi. A , men Adam atanyň nesli.
***
Men o gelinden:”Şu şadyýan gülkiňi ýene-de gaýtalap bilermiň?” diýip soradym. Olam : ”Sen ýaňkyňy gaýtalasaň, menem gülkimi gaýtalaryn.”– diýdi. Utandym.
***
Bir edebi tankytçy maňa her gün jaň etmäni çykardy. Özem ilki biraz öwen bolýa-da, soň tankydy bellikIerini aýdyp başlaýar. “Külümi çykarmaga “öwrenişdirjek bolýar öýdýän.
***
Talhatan baba, Parsa pir, Ak işan ýaly keramatly ýerlere zyýarata olardan medet diläp däl-de, il-güne hyzmat edip geçendikleri üçin şolaryň özlerini beýik Allanyň ýalkamaklaryny mynajat edip barmalymyka diýýän.
***
Men saňa bir zat okap bereýin welin, öwjek bolma, tankydam etme. Ýek ýigrendigim tankyt.
***
Salamlaşmak üçin her gezek jaň edenimde,dostum menden:”Näme okaýaň” diýip soraýar. Menem :”Ýazamok, onsoň näme okaýyn?!” diýip jogap berýän.
7.
***
Ýazgylarymyň birküç ýerinde dagy onuň adyny agzandyryn. Ind-ä onuň taryha giräýmegem ahmal.
***
Öz ýyldyzymy gözläp goşa didämi asmana dikdim. Asmanam set müň göze öwrülip meni gözledi. Sözler